Internet sahypa üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

## *3. DODAKLANÝAN WE DODAKLANMAÝAN ÇEKİMLİLER*

**11-nji gönükme.** Sözleri okaň Dik çyzygyň çepindäki we sagyndaky sözleriň çekimlilerini aýry-ary göçüriň.

| | |
|---|---|
| Bol | Ak |
| Gur | gyz |
| Dök | däl |
| üz | ek |
| | git |

Göçüren çekimlileriňiziň haýsylaryny dodaklanýan çekimlilerdigini, haýsylarynyň dodaklanmaýan çekimlilerdigini aýdyň.

Dodaklanýan we dodaklanmaýan, dar we giň dodak çekimlileri aýdyň. Dürs ýazuw kadasy boýunça giň we dar dodak çekimlileri haýsy bogunlarda ýazylýarlar?

* * * *

**12-nji gönükme.** Şygry labyzly okaň we has gara ýazylan sözlerdäki çekimlileriň haýsysynyň dodaklanýan, haýsysynyň dodaklanmaýan çekimlidigini aýdyň.

### *Çaga*

Ataň-enä göz **guwanjy**,

Mähribany bolan çaga,

Deňäp bolmaz tylla-genji,

Bir ýylgyrşyň bilen, çaga.

Senden pesdir siliň **güýji**,

Bar tagamdan mähriň süýji,

Garrylaryň berk **söýenji**,

Erkin oýnap-gülen çaga.

Şat durmuşyň ajap görki,

Ýürekleriň sensiň örki,

Bu berlen belent erki,

Turkmenkultur.com

Geljek üçin ulan, çaga.

Seň arkaňda döwletim bar,

Ol bagtyıy berk goraýar,

**Şoldur** saňa bolup hossar,

Ýagty ýola salan çaga,

(A. Baijmyradow).

Şygryň mazmunyny öz sözleriňiz bilen aýdyp beriň. Çaga barada bilýän nakyllaryňyzy ýatlaň.

**13-nji gönükme.** Teksti göçüriň. in soňky söziemdäki dodaklanyan çekimlileriň aşagyna bir çyzyk, dodaklanmaýan çekimlileriň aşagyua iki çyzyk çyzyň.

TÜRKMENISTAN

Türkmenistan biziň mähriban Watanymyz. Ol 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda özbaşdak, garaşsyz döwlet boldy. Onuň ilkinji Prezidenlligine Saparmyrat Ataýewiç Nyýazow saýlandy.
Biziň halkymyz ony Türkmenbaşy diýip atlandyrýar. Bu oňa goýulýan uly hormatdan nyşandyr Garaşsyz ýurdumyz Türkmenistan 1995-nji ýylyň 12-ıiji dekabrynda Bitarap döwlet diýlip
ykrar edildi.

Mahriban, garaşsyz, bitarap sözleriniň manysyny düşündiriň we sözlük depderiňize ýazyň.

* * * *

**14-nji gönükme.**Läle bentlerini okaň we göçüriň hem-de dodak çekimlileriniň aşagyny çyzyň

Gül-gülüstan Watanym,
Bagy-bossan Watanym,
Ömürbaky ýaşasyn,
Arzuw eýläp ýetenim.

Biziň ile gül bitdi,
Lal dillere dil bitdi,
Ýaşasyn eziz Watan!
Başymyz göge ýetdi.

Turkmenkultur.com